# Hürri /powest

Category: Kitapcy,Powestler,Sözler
написано kitapcy | 23 января, 2025
Hürri /powest

HÜRRI

1.

Şükür ýaňy kyrky sowlan kakasynyň mazaryny açmak üçin gonamçylyga ugrady. Göze güýdüşer ýaly biýol gitdi. Gün guşluk ýerine galanda gabrystanlygyň ileri çetinden indi. Mazarlaryň arasy bilen ýöremedi. Ýörese, gonamçylygyň müjewüri Öweziň gözüne ilmegi mümkin. Müjewüriň mazar sanap oturmadan gaýry pişesi barmy? Gözem edil baýguşyňky ýaly, häzir-ä gündizlik, gije bolaýanda-da esli aralykdan ygym-sagym bir gara gözüne kaklyşsa “Pylany, senmi?” diýip tanap oturandyr.
Şükür mal-garadan ätiýaç edilip, bir gulaç çemesi inlilikde, adam boýy çuňlukda gazylan uly garymy nazarlady. Ýakasy ýandakdyr gyzgan bilen jäheklenen çukuryň içi bilen müjewüriň tamyna garşy gaýtdy.
Müjewüriň öňi eýwanlyja pessejik tamy gabrystanlygyň gaýrasynda, mazarlardan sowaşyk ýerde, ýaýbaň belentligiň üstünde ýerleşýär. Ol ýerde asty kerpiçli bassyrma, uly suw çelegi, iki düýp garry tut agajy, odunlyk töňňeler hem-de daşyna gamyş aýlanan kiçeňräk towuk ketegi bar. Ketegiň içinde bäş sany gara towuk görünýär.
Şükür garymyň içi bilen bukdaklap, sesýetim golaýa geldi. Käte ökjesine galyp, boýnuny süýndürip, diňşirgenip, ot-çöpleriň arasy bilen yşyklap, amatyna garaşdy. Öweziň tamyndan radioň üzlem-saplam çykýan sesi diýäýmeseň, başga eşidilýän zat ýok. Daşda-içde adam-gara görnenok. Müjewür indi uzak eglenmese gerek. Häzir tamyndan çykar. Welosipedine atlanyp, oba gider. Bu gün Jumageldi agalar sadaka berýär. Öwez oňa hökman baraýmalydyr. Şüküriň ýörite şu güne gabatlap gaýtmagy-da şoň üçin.

Radioň sesi kesildi. Müjewür kän garaşdyrmady. Galoşyny geýip çykdy-da, donunyň syýyny guşagyna gysdyrdy. Gapysyny ýapdy, gulp urmady. Welosipedini mündi-de, ýüzüni oba garşy öwürdi.
Şükür garymdan çykyp, tä garasy ýitýänçä onuň yzyndan seredip durdy. Müjewüriň öýle namazyny okaman, yzyna dolanjak gümany ýok. Bärden barşyna öýüne degmän geçmejegi belli zat. Soň Jumageldi agalara gider. Sadaka sowlansoň, ýene öýüne barar. Täretini täzeläp, namazyny okar. Gerek-ýaragy bar bolsa, dükana sowlup eglenmegem mümkin. Garasaý, azyndan dört sagatlab-a şu ýerde Öweziň garasy görünmez.
Şükür müjewüriň tamynyň gapysyndan ätledi. Eýwana giräýen ýerinde suwly bedre duran ekeni. Bir kürüşgäni başyna çekip, daş çykdy. Bassyrma garşy ýöneldi. O ýerden sapy ýylmanak pilleriň birini göterdi-de, gabrystanlyga girdi.
Hümmediň mazaryny hatar-hatar aýlanyp, agtaryp ýörmegiň geregi ýok, ol birgeňsi setirlenip galdyrylan tümmekleriň iň çetkisi. Şükür sähel salymda kakasynyň guburynyň başynda häzir boldy. Ýaýdanyp durmady, wagt ýok, Öwez bolmasa, ýene biri gelmegi mümkin. Zyýarat-beýleki diýibem aýlanyp ýören gyt däl. Şükür mazar daşyny gyra süýşürdi-de, gyssanmaç gabry gazmaga başlady. Ýygy-ýygydan daş töweregine, esasan oba tarapdan gelýän ýola ýaltaklap garady.
Edil häzir gelip, Şüküriň işine päsgel berjek ýok. Ýöne ätiýajy elden bermek bolmaz, bilip bolýarmy näme, ýoldan barýan ötegçiniň biriniň gözi düşse, işiň gaýtdygy biläý! Şu günüň özünde adyň uly ile belli bolar. Göge uçsaňam, ýere girseňem, salymyny bermän gapjarlar, eliňi syrtyňa gaňryp, gandal salarlar-da, südenekledip äkiderler. Nebsi agyrjagam bolmaz, hemaýat etjegem. Gorkaýmaly.
Başga biri bolan bolsa, öleniň mazaryny açmag-a däl, bu ýere bir özi gelmäge-de ýaýdanar durardy. Muňa gabrystanlyk diýilýär. Bular ýaly batyrgaýlyk bilen ölüleriň mekanyna aýak sekmäge her kesiň gaýraty çataýanok. Gonamçylyga baranda adam hemişe göze görünmeýän näbelli güýçden üýşenýär. Beýle wehim Şüküre ýat. Ýeri, guma garylyp ýatan ölüleriň nämesinden eýmenjek? Jansyz jesetdir-dä. Gorksaň, dirilerden gorkmaly!
Häzirki edip duran işi birbada bilinmän galyp, soň üsti

açylaýanda-da, Şüküre rehim etjek tapylmaz. Munuň aňyrsynda türme ýatyr. Öleniň mazaryny açmak nähili jenaýat bolýarka? Ganhorlyk däl, mazaryny açyp, ölen adamy ikilenç öldürip bolmaýar. Uruşam däl, öli bilen ýaka tutuşyp ýören ýok. Ogurlyk edipdir diýibem bilmezler. Sebäbi, ogurlar ýaly bu ýerde döwlet emlägi pytrap ýatanok. Eýse, diri adamam ýok, ýeriň astynda ýatan, bogunlary ýazyp, eti çüýräp, barýan jeset. Jesediň nämesini alaňda-da, ogurlyk däldigi belli zat. Onda bu näme? Talaňçylyk bolýarmy?
Dähenek jahyl üçin topragy ýumşak mazary açmak müşgil iş däl. Şükür bir sagada ýetirmän, uly jaýyň gumuny daşyna çykardy. Pil bilen edilmeli iş gutardy. Kiçi jaýyň agzyna bent edilen kerpiçleri açyp ugranda onuň burnuna meýidiň ýakymsyz, porsy ysy urdy. Beýnisi çaýkandy. Erbet ýüregi bulandy. Bir eli bilen burnuny tutup, beýleki eli bilen kerpiçleri aýryp, ahyry jesediň başujy tarapyndan esli ýerini açdy. Iki dyzyny ýere diräp, ykjam oturdy-da, içki jaýa elini sokdy. Sermenip, hyklap, çekeläp, esli dyzansoň, ol ýerden altysy altyndan guýlan, galanlary metaldan ýasalan alyn diş protezini çykardy. Aýran kerpiçlerini howul-hara ýerine goýuşdyryp, çukurdan çykdy. Mazara gum sürüp ugrady. Az salym tozan turzansoň, dikelip, maňlaýyna inen ajy deri ýeňi bilen süpürdi. Haşlady. Gözüni bir nokada dikip, demini dürsedi. Salkyn şemal tiz wagtda onuň derini sowatdy. Şondan soň işi dowam edesi gelmedi. Ýaltalygy tutdy. Söýenip duran pilini düzlenmedik çukuryň içine oklap goýberdi. Barybir beýleki mazarlaryňky ýaly endigan tümmek galdyrmak oňa başartjak däldi.
Şükür üst-başynyň gumuny kakyşdyryp, gonamçylykdan çykmaga alňasady. Ileriligine haýdap, gelen ýoly bilen oba gaýtdy.

2.

Öwez müjewür gonamçylyga giç öýlänler gaýdyp geldi. Welosipedini tama söýedi-de, içeri girdi. Telpegini, donuny çykaryp asdy. Başyna ak ýaglyk sarady. Aýagyna gonjy uzyn ädigini geýip, daş çykdy, guşagyny çekdirdi. Kätmenini, çarşagyny alyp, gonamçylygy alkymlap geçýän akar ýabyň boýuna

ýandak ýatyrmaga gitdi. Ikindi namazynyň wagty girýänçä der saçyp, ýandak çapdy, petdeledi. Tamyna gaýdyp geldi. Täretini täzeläp, ikindini okady.

Şüküriň eden işini ol diňe şondan soň gördi. Birbada gözüne ynanmady. Golaý baryp, bozulan mazar tümmegini görende içini çekdi. Çokga sakgalyny gysymlap:

– Estapyrylla-a, estapyrylla-a! Haýsy haramyň işikä bi? – diýdi.

Bir alamat gözläp, töwerekdäki mazarlara äňedip çykdy. Gözüniň ýetýän ýerinde üýtgeşiklik görmedi, hemme zat öňki-öňkülik. Diňe Hümmediň mazary açylypdyr. “Ýarpy-ýalta gazyp, taşlap gidipdir haramzadalar. Meň gelýänimi görendirler, belli zat” diýip, Öwez netije çykardy. Mazardan çykarylan guma seredibem bada-bat pikirini üýtgetdi: “Ýok, gazmasyna-ha eslije gazylana meňzeýä. Ýöne doly gömmän gidipdirler”. Onuň göwnüne bolmasa, nämüçindir bu işde bir adamyň däl-de, azyndan iki kişiniň eli bar ýaly bolup göründi. Kimiň işikä bi? Nämüçin? Haçan?

Öwezi galpyldy basdy, ýüregine wehim aralaşdy. Ol mazar çukurynyň içinde ýatan pili galdyrmaga-da eýmendi. Kimdir biri gözüni aýyrman, guburlaryň tümmegine bukulyp, özüni garawullap duran ýaly gorky bilen mazarlara garady. Diňşirgendi. Gözüne-gulagyna hiç zat ilmedi. Şonda-da janyny barlamak üçin ýeňil ardynjyrap:

– Kim bar, haw? – diýip gygyrdy.

Müjewüre hiç kim jogap bermedi. Ol mazara gelýän-gidýän täze aýak yzlaryny gözledi. Gonamçylygyň toýunsow, takyr ýerinde gözi äginer ýaly yz tapmady. Haýdaşlap tamyna ýöneldi. Üýtgeşiklik ýok, goýan zady goýan ýerinde ýatyr. Towuklaram tükel, keteginde käkeleşip ýörler.

Öwez ýene mazara dolandy. Indi näme etmeli muny? Polisiýa habar berse-hä, işiniň köpeljegi görnüp duran zat. Iň bolmanda telim günläp soraga çagyrarlar. Amandurdy gyşyk ýaly diline dygy etdirip bilmeýäniň tapjak gep-gürrüňem üssesine. “Hümmediň mazaryny özi açandyr. Indem bigünä biriniň boýnuna ýüklejek bolýandyr” diýip töhmet atmakdanam gaýtmaz. Hol günem sakgally-sarmykly halyna utanman-zat etmän: “Bir bähbidi bolmasa, Öwezmidir öwlüýäde ýatyp-turjak?! Gury aýlyk üçin

elkin ýatmajagyny bilmeýän barmy, onda-da mazarystanlykda?!” diýýärmiş. Beh, bular o dünýesini-beýlekisini ýatlanokmyka? Tükeniksiz sorag-jogabam-a bardyr öňüňde. Ä-äý, Jähennemiň teýine gitsin, Öwez han, öz aladaňy et sen, il bilen işiň bolmasyn! Hany, bi Hümmediň mazaryny nätjek indi?

“El degmedik ýaly edeýin” diýip, Öwez çalt karara geldi. Haýdap, gum sürüp başlady. Gün ýerine girmänkä tümmegi häzir etdi. Rejeledi. Mazar daşyny ýerinde goýdy. Pilini egnine atyp, tamyna garşy gaýtdy. Ýetmän, yzyna döndi. Mazaryň başujunda çöküne düşüp oturdy-da, sesini endiredip, daşyndan aýat okady. Dileg etdi. Edil diri adam bilen gepleşýän ýaly:

– Bizden bir yrza bol, Hümmet aga! Enşalla, närza dälsiň – diýip, mazara ýüzlendi.

Şondan soňam müjewüriň ynjalygy bolmady. Nämälim gorky zerarly kalbynyň endişesi artdy. Agşam namazyny okanda-da Hümmediň mazary zol-zol göz öňüne geldi durdy. Bilesigelijilik bolsa irginsizlik bilen beýnisini dyrmalaýardy. “Kimiň işi bolup biler? Gabry açan adamlaryň maksady näme?” diýen sowallara jogap gözleýärdi. Bimatlap iş edilmez ahyryn!

Iki-üç ýyllykda Çopan agaň ogly özüni heläkläpdi. Kimiň näme diýip arz edenini Öwez magat bilenok, ýöne jaýlanandan soň kän wagt geçmänkä birnäçe adam ýörite topar düzüp, Çopan agaň oglunyň mazaryny açmak üçin gelipdi. Olar müjewüriň gözüniň öňünde mazary gazypdylar. Jesedi çykaryp, özleriçe barlag geçiripdiler. Esli eglenip, ahyrynda Öweze bir kagyzyň ýüzüne gol çekdirip gidipdiler. Bularyňky düşnükli. Ýöne Hümmediň ruhuny biynjalyk etmek kime derkar boldy? Nämüçin? Bir zadyny alaýyn diýeňde jesediň kependen başga nämesi bar?

Birdenkä müjewüriň aňynda “Hümmediň gyzyl dişi bar” diýen pikir ýylp edip gitdi. Hawa, bardy! Sap altyndan guýlan, lowurdap duran altyn dişleri bardy! Eýse, şony almak üçin açaýdylarmyka? Dagy näme? Şeýledir! Bu çaklama Öwezi haýykdyrdy. Ýigrenji adamyň dar gabyrda jesediň äňini ýazdyryp, dişini sogrup oturan sahnasy göz öňüne geldi. “Tüf ýüzüňe seniň pedernälet! Nädip eliň bardy, deýýus! Neneň ýüregiň etdi, haramzada!” diýip içinden sögündi.

Mazary kimiň açandygy barada müjewür kän kelle döwdi. Obaň

erkek göbeklileriniň ählisini göz öňünde hatarlady. Içinde niýeti düzüw däl päliýamandyr öýdenlerini, tüýsi bozuk hasaplanlaryny ýekän-ýekän şübhe bilen gözden geçirdi. Öliň mazaryny basgylap biljek bir adamam tapmady. Onsoň kellesinde “Hümmediň Şükür diýibem-ä bir bikemal dogmasy bolmaly, şo edip bilermi?” diýen sowal peýda boldy. Hyýalynda Şüküriň hüwjük saçly, dar maňlaýly, mawy gözli, goçak burunly hem salpy dodak saryýagyz ýüz keşbi, irimçik süňkli, satanlak, tagaşyksyz göwresi janlandy. “Ejesi bilen tersleşip, gepleşmän ýören bir kelesaňdyr öz-ä. Kakasynyň gabryna pil urup biler öýdýäňmi? Hümmet onuň hut kakas-a däl welin… Hudaý bilsin hut kakasynyň kimdigini. Ejesem belli däl. Ýurtýykan lolyň biri dogrup, bäbekhanaň gapysynyň öňüne taşlap gidipdir diýip gürrüň-ä edýärdiler. Häý, tentek bedibagt! Kellesem ýetikdir öýdemok men-ä şoň” diýip oýlandy.

3.

Gonamçylykdan çykyp, Şükür hiç ýere sowulmady, göni öýlerine dolandy. Ejesiniň adaty hüňürdisine ýanap, sessiz çaý-çörek iýdi. Soň mellekleriniň aýagujundan geçýän akar ýabyň üstüne atylan paýapylda oturyp, altyndan guýlan dişleri ýeke-ýekeden sogrup aldy. Protezi bolsa suwly ýaba oklap goýberdi. Dişleri elin ýuwdy, elýaglygy bilen iş edinip süpürdi, arassalady. Ertesi ir bilen şähere, altyn-kümüşden ýasalan şaý-sepleri bejerýän zergäriň ýanyna gitdi.
Aňňal burunly, tüňňi maňlaý zergär möle gözlerini süzüp, Şüküriň uzadan dişlerini uzak wagt synlansoň, şübhe bilen:
– Ogurlyk bolsa, häzir aýt, ertir üsti açylsa, menem süýrärler, senem. Düşünýäňmi? – diýdi.
– Ogurlyk borm-ow?! – diýip, Şükür sesine bat berdi. – Kakamyňky. Ölmäkä özi goparyp berdi. Ölsem, özüm bilen guma garylyp gitmesin diýdi, hakyky gyzyldyr, eslije tölärler diýdi. Kösenen wagtymyz maňlaýymyzdan direjegini öňünden bilýän eken. Ýaşuly dogry edipdir. Ynha, kösenýäs-dä şüpille.
Zergär agras ýüzüni galdyryp, geňirgenme bilen Şüküri boýdan-başa synlady.

– Ýaşulyň ölensoňam yzyndakylara peýdasy degýär eken-dä onda. Hmm… Ýaňky gürrüňiň-ä erteki welin…
– Haýsy gürrüň ol? Seň özüň erteki, ýaşuly!
Şüküriň ugur-utgasyz gürrüňine zergär gatyrganyp durmady.
– Inim! Yzy arassa bolsa, maň-a tapawudy ýok. Gep-gürrüň bolmasa…
– Gep-gürrüň bolmaz, ýaşuly. Gep-gürrüňi heleýler edýändir. Sen zada baha ber, zada! Nähili görýäň? Özem gadym gyzyldyr. Başyň çykýan bolsa, bilmel-ä sen.
Zergär öňünde duran dyzmaç ýigidi gaýtadan dikanlady. Bir zatlar diýmäge çemlendi. Diýmedi. Sesini çykarman, aňyrsyna öwrüldi. Dişleri terezide goýdy. Agramyny ölçedi. Öz ýanyndan nämäniňdir hasabyny etdi. Onsoň kiçijek, naşyja sandygyndan goçak gyrmyzy gaşly bir ýüzügi çykardy-da:
– Şuny berip biljek. Gowy ýüzükdir – diýip, Şüküre uzatdy. Harydyna mahabat berdi. – Elde ýasalan däl, zawudyňkydyr. Kime görkezseň, görkeziber. Men diňe gaşyny çalyşdym. Oňatja synla! Bildirýämi?
Şükür ýüzügi külembikesine ötürip gördi-de:
– Ha-haý, muny! Gaty kiçi däm-eý bi? – diýip, keýpihon güldi.
– Sonaň barmagyna bolar öýdýäňmi?
– Sona diýýäniň-ä tanamok welin, bolman gitjek ýeri nire?! Oň, näme, eli kültäň aýagy ýaly däldir-ä? Gyzyň barmagy inçejik bolýandyr, orta barmagyna şaplaşar durar. Sen öz külembikäňden habar al. Nädýä, boljakmy?
– Saňa bolýa dämi?
Zergär başyny atdy.
– Maňa-da bolýa onda.
Şükür ýüzügi barmagynyň ujunda oýnap, kanagat tapdy.
– Meni diňle! – diýip, zergär asuda ses bilen dözümli gepledi. – Bir ýerden ogurlap gaýdan bolsaň, o-da bilinäýse, meni tanaýan dälsiň. Iki şarpyk berseler, gözüň ýaşyny akdyryp, yzyň adamly meň ýanyma bir geliji bolaýma! Gelseňem men seni tanaýan däldirin. Düşündiňmi?
– Samsyk adam ekeniň-aý! Näme, öňümden çykandan şarpyk iýip ýören züwwetdine meňzeýänm-ow? Maňa şarpyk berip, kim-aý olar?! – diýip, Şükür gaharlandy.

– Bilemok kimdigini, ýöne ahmal bolma! Men ýöne saňa häki bir ýatladýan. Bolýa, işiň bitdi dämi, ýöräber! – diýip, zergär ony ugradyp goýberdi.
Şäherden gelşine Şükür uzakly gün öýden çykman ýatdy. Gijara el telefonyndan Sona til kakdy.
– Alýo, Sona! Eşidýäňmi? Häzir ikimiz görüşmeli.
– Nämüçin?
– Öňki ýere çyk.
– Çykjak däl.
– Çyk, gürrüň bar.
– Aýdyber näme gürrüňiň bolsa. Diňleýän.
– Telefonlyk gürrüň däl diýýän. Nätdiň-aý?!
– Şo öňki mesele bolsa, aýdybam oturma. Çykamok.
– Öňki mesele däl.
– Onda näme?
– Çyk, bilersiň.
– Çykyp bilemok.
– Garaşjak diýýän.
– Menem garaşma diýýän.
Sona telefony öçürdi. “Şeýdýäň dämi? Jedir-jedir eden bolup, ýaman uly gepleýäň weli, hany, göreli seni!” diýip, Şükür içinden haýbat atdy.
Az salymdan geýnip, gyzy garawullamaga gitdi. Sonaň öýlerine golaý dükanjygyň ýeňse ýüzünde, gözüni ýola dikip, garaňka duwlanyp oturdy. Çykjak däl diýse-de, Sona uzak garaşdyrmady. Golaýa geleninden Şükür onuň ýoluny kesdi.
– Bilýädim-ä geljegiňi – diýdi.
– Ýüregim-ä ýardyň – diýip, Sona ýakasyna tüýkürdi. – Nirden çykdyň, gyz, asmandan indiňmi?
– Saňa garaşdym.
– Garaşma diýdim-ä. Şyhyň dükanyna gidip geljek men. Näme gürrüňiň bolsa ýolda aýdarsyň.
Ýöräp ugranlaryndan Şükür:
– Hany eliňi uzat – diýdi.
Sona gaýra tesdi.
– Waý, ýok, näme etjek bolýaň?
– Uzat eliňi, iýesim ýok. Ýüzük dakjak, bih.

– Ýog-eý, masgara… Gerek däl. Ýüzügiňi näme edeýin? Aýyr eliňi.
Şükür elini aýyrmady, şapladyp Sonaň goşaryndan tutdy.
– Barmagyňy ýaz, öz elim bilen dakjak.
Sona güýç bilen itip, goşaryny sypdyrdy. Yza çekildi. Gahar bilen:
– Haýwanmy sen? – diýip jabjyndy. – Ýigrenji!.. Näme elimden ýapyşýaň? Göz ba, dil ba… Masgara…
– Gygyrma, how. Gohuň näme?
Sona hököm bilen:
– Aňyrrakdan ýöre! – diýdi. – Gelme meň golaýyma!
– Me onda, al şuny.
– Aljak däl. Bihh… Bol, näme aýtjak bolsaň, aýt çaltrak.
Gyzyň hötjetligi Şüküri kejikdirdi. Ýüzügi bir eliniň külembikesinden aýryp, beýlekisine ötürdi.
– Sona! Adam bolsana-how! Nädýäň-aý?
– Boljak däl. Başga aýtjak zadyň barmy?
– Aýtjak zadym, ertir ejemi iberjek ýene. Sen gepleş ejeň bilen.
– Iberibem oturma. Gepleşen ýaly. Soňam ejem çözenok.
– Onda kim çözýä?
– Men çözýän. Menem göwnämok. Kakam-a asylam oňlamaz. Oňlamaýanyny geçen gezek ejeňe aýdyp goýberd-ä.
– Bahanasy näme?
– Bahana däl, hakyky zat. Gyzym ogullyk berlene barmaz diýdi.
– Şeý diýdimi? Özüň toslaýansyň-laý.
– Özümden toslarynmy? Ondan beterräginem diýdi.
Şüküriň gany gyzdy. Gaharyna dişini gyjap:
– Beterrägini diýip, näm-ow ol, ömür öküner ýaly edäýsem nätjekkä? – diýdi.
– Näme ederin öýdýäň?
– Alyp gaçaryn.
Sona sakga durdy.
– Toba etdim-eý! Hany, golaýyma gelip bir gör!
– Kim-ow ol gotur şagal, maňa beý diýer ýaly. Şagal adyny güne ýatyp alan däldir.
– Gümüňi çek, haram meýdiýanan! Şujagaz sözüň üçin edişime

seret indi seni.
– Bolýa-la, how, Sona. Kakaň ugruny özüň taparsyň-laý. Me, al şuny. Saňa niýetläp aldym.
– Ýok bol diýýän. Görünme gözüme. Ýüzügiň başujuňa dikilsin, haýwan!
– Sona! Gaharymy getirme!
– Tutma meň adymy! Gaharyň başyňy iýsin! – diýip, gyz gargyndy. Ol köşeşerli däldi.
Şükür ýüzügi ýokary galdyryp, iň soňkuny okuny atdy:
– Alýaňmy ýa alaňok şuny?
– Ojagaz ýüzügiňi äkit-de…
– Almasaň, häzir şu ýerden göni Miwäň ýanyna gitjek. Eşidýäňmi? Miwäň barmagyna dakjak.
– Jynyň heleýimi Miwe diýýäniň? Taýyňy tapypsyň! – diýip, Sona ilki hahaýlap güldi. Soň gazap bilen:
– Düşme meň yzyma! Ýok bol, hürri meýit! – diýdi.
Şükür bialaç yzyna döndi.

4.

Geçen ýyl ogurlykda tutulyp, iş kesilen Söhbet jynyň öýi Şüküriň gelmän ýören ýeri däl. Eline pul düşdügi, ýüzüni garaňka tutup, gaýdyberýär. Türmä giden äriniň yzynda iki sany suw ýaly çagasy bilen galan Miwe-de Şüküre gelme diýenok. Barsa, begenýär, “Geliber” diýýär. “Ýöne geleniňi, gideniňi hiç kim görmesin, göze düşme!” diýip sargaýar.
Sonanyň ýanyndan gaýdansoň, Şükür öýlerine dolanmady, göni Miwäniň gapysyny kakdy.
– Reňkdeş, otyrmyň-ow?
– Waý, ýuwaşrak geple, çagalary turuzýaň-a. Şu wagtjyk ýatyrdym. O jaýa geç.
– Menem ýatyrsana şeýdip. Uzak gije gujagyňda irkileýin-le.
Miwe owsun atyp, güldi.
– Gyw, oglan! – diýdi. – Uzak gije diýip, gymmada düşäýme birden.
– Gymmada düşürip, sen-ow her gijäňe baha kesip ýörme! Onsuzam iki elimi burnuma sokup, boş gelesim ýok. – Şükür ýüzügi

çykardy. – Hany, eliňi uzat!
– Waý-ý, bu näme?
– Ýüzük.
Şükür Miwäniň elini aýasyna aldy, ýüzük ýasy barmaklaryň çotuň düwmesi ýaly bogunlaryndan ötmedi.
– Dyzama! Soň nädip çykarjak?
Miwe ýüzügi alyp, çyranyň ýagtysyna tutdy.
– Mis-ä däldir-dä hernä? – diýip sorady.
– Mis borm-ow? Heleý bolup, gyzyl bilen misiň parhyny bileňokmy?
– Bilýän. Kimiňki bi?
– Seňki.
– Çynym bilen soraýan, gyw!
– Menem çynymy aýdýan, gyw!
– Nireden aldyň?
– Süýtm-aý sen? Soragyň dagy nähili? – diýip, Şükür gurak ýuwdundy.
– Ejeň gelin üçin alyp goýan ýüzügidir. Şeýlemi? Bildimmi?
– Juk.
– Onda?
– Özüm aldym, how. Seň üçin aldym. Nätdiň-aý?
– Ogurlan bolaýma? – diýip, Miwe betgüman boldy.
Şükür kejikdi.
– Tüketmeseň, gitjeg-eý men-ä.
Miwe ýüzügi külembikesine ötürdi. Synlady.
– Gelişýämi? – diýdi. Güldi.
– Nesip etsin!
– Gyýw, hany niýetiňi aýd-a. Näme etjek bolýanyňy bileýin.
– Näme etmekden Hudaý saklasyn! Günde giçden soň geljek. Är boljak saňa…
– Be-e, be-e, gör, bu oglanjygy. Ýene näme etjek?
– Bahasyny bilýäňmi şuň?
– Bilemok. Gymmada çoýunyp, almaly däl ekeniň. Pul gerekdi-dä maňa. Puluň ýokmy?
– Men-ä sen gowy görersiň diýip, bar puluma şuny aldym. Zadyň ýüzüne urýaň-laý.
– Ýüzüne uramok, gyw. Şyhyň dükanyna bergim bar-a. Karz

alypdym. Şony bermeli. Şu gün ýag alaýyn diýip barsam, “Bergiňi häçän berjek?” diýip, ýeňsesi bilen gürleşýär meýit. Içim dagy ýandy, Annagül dagam dur heşelle kakyşyp…
– Bäşimiň heleýimi?
– Howwa.
– Şoňa Ýalkap bilen gezýämiş diýýäler. Çynmyka?
– Gezmeýäni bamy oň? Kim bilen gezenok diý. Hol gün Dudumyň maşynynda otyr, kakasy ýaly adam-la, gyz. Toba!
– Goýsana, how, Dudumy başyna ýapsynmy?
– Meni gepletjek bolmasana!
– Bor-laý. Nätse, şeýtsin! Ýüzük nädýä, göwnüň ýetdimi?
Miwe ýüzügi gaýtadan synlady.
– Gyw! Şu gün, birem ertir. Osoň üzlüşýäň – diýip, baha kesdi.
– O-how! Iki günjükmi?
– Bir ýüzük berip, meni heleý edinip alaýjakdyňmy?
– Bir hepde bir diý-dä.
Miwe ýüzüni sowdy.
– Me, ýüzügiňi al – diýdi.
Şükür almady.
Miwe ýüzügi penjiräniň öňünde goýdy.
– Gyrandegen, maňlaýyň ýatsa, bahaňam kör-köpük, itiň mugty… – diýip gargyndy.
– Bäş gün! Hä, bolýar-a.
– Bolanok. Şoňňaly arzanmy men?
– Üç gün! Bor diýäýsene, how.
Miwe ahyry ylalaşdy.
– Ýarym sagatdan köp eglenmersiň.
Düşek atyldy, çyra öçürildi. Dik depä çykan ýüzi menekli Aýyň penjireden düşýän ölügsi şuglasynyň astynda sessiz hereketler başlandy.
“Üç günjük. O-da günde ýarym sagat. Bir ýüzüg-ä köp bolýar-aý şuňa” diýip, Şükür eşiklerini geýip durka kellesizlikden eden söwdasyna ökündi.
Gaýtjak wagty Miwe:
– Dur entek – diýip, ony saklady. – Howlukma. Goňşy-golam göräýmesin. Men töwerege göz bolaýyn.
Ol daş çykyp, esewan etdi. Gapyň agzynda ýatan sübsäni

maksatsyz süýşürip, daşky çyrany öçürdi.
Şu ikarada Şükür ýap-ýaňyja Miwä beren ýüzüginiň penjiräniň öňünde ýatandygyny görüp ýetişdi. Ýaýdanyp durmady. Ýüzügi kakyp aldy-da, jübüsine saldy. Gyssanmaç aýakgabyny geýip, Miwäniň yzy bilen çykdy.
– Hiç kimem ýok-la, how. Gitdim men. Ertir gelerin – diýip, ol pyşyrdap diýen ýaly gepledi.
Miwe öýe girdi.
Şükür bolsa, dem salymda gijäniň garaňkylygyna siňip gitdi.

5.

Ol gije ýarymdan agansoň öýe dolandy. Ejesi Ogulnur ýerine geçenem bolsa, ýatman ekeni.
– Nirde bolduň şu çaka çenli? – diýip, ol dikelip, yzgytsyz ýüzüni has-da ajadyp sorady.
Şükür sandygyň üstünden ýorgan-düşegini aldy, ýassygyny goltugyna gysdyrdy. Diňe şondan soň:
– Nirde bolamda näm-aý? – diýip, göwnübir jogap gaýtardy.
– Sagatdan habaryň bamy? Meň gözüme çiş kakylan ýaly… Söndür çyrany!
– Sagat bilen ne işiň? Ýatyber-dä.
Şükür çyrany öçürip, eýwana çykdy. Düşegini ýazdy, ýassyk oklady. Ýorgany bir gyra taşlap, dik duran ýerinden köýnegini çykardy. Ýerine geçip, süýndi. Ejesiniň hüňürdisi bolsa, edil gulagynyň agzynda gygyrylýan ýaly eşidildi:
– Ýatyp bolýamy wagtynda öýe köwlenmeseň?! It aýagyny iýen ýaly, şeýdip kaňkap ýörşüňe bir gün bir zadyň üstünden bararsyň.
– Meni gaýgy edýän heleým-ow sen? Hä? – diýip, Şükür ýatan ýerinden gygyrdy.
– Waý, Allajan-eý! Indi eje diýmäge-de diliň baranokmy, ýiliksiz ýezit?!
– Eje diýdirjek bolsaň, aladamy etmeli ekeniň wagtynda.
– Şunça ýyl iýdirip-geýdirip, ekläp-saklap, iň soňunda eşidýän jogabym şumy?
– Şermendelik etmesene, how. Beýle aladaçyl bolýan bolsaň, şu

çaka öýererdiň. Bilýän, ogullyk alaňsoň şeýdýäň. Özüň dogran bolsaň, bireýýäm aýagmy deňlärdiň. Akga şagalyň gyzy bolmasa, ýene biri… Ganjyk gytm-ow?!
– Wah, tohumyň tükenmesin seň, tohumy tükenmiş! Çyk öýden, ýoguňy tap!
Şükür ejesiniň ýatan otagynyň gapysyny ýapdy. Başyna ýorgany büredi.
Ogulnur sojady, hamsykdy. Onuň sesini endiredip:
– Başyňa gitdiň sen… Ertire bir çykaýyn… – diýýän sözlerini Şükür üzlem-saplam eşitdi. Gözüni ýumdy, derrewem uka gitdi.
Ertesi ir bilen Ogulnur Hümmediň inisi Hapyzyň gapysyndan aglap bardy.
– Jan, ýüwürji! O kakabaş deýýusa haý-küş etmeseň, öldürýä meni. Gije bilen gündizi çalşyp, şagal ýaly yzak gije ygyp-ygyp gelýär-de, azar ýamanyny berýä. Agaň kyrky ýaňy geçdi, bi kellesi kesilmedik bolsa meni öýereňok diýip, gan gusdurýa maňa. Dirini sylamasa-da, öleniň hatyrasyny saklamaly bolmazmy? Eje diýenok, jan ýüwürji, ynanýaňmy, öweý görýä meni. Halys çydamok indi.
– O nä pälazgynlyk?.. Hol günjügem-ä diýip-diýip gaýtdym. Beh-h, hany, işe girmänmi? Bu gün-erte başlaýan diýip otyrdy-la – diýip, Hapyz iňkise gitdi.
– Iş nätsin oňňaly syýaksyz salpaýagy. Adam bilen gepleşmäni oňarmasa kim işe alsyn? Hana, ýatyr öýde. Ýatan çöpem galdyranok.
– Bor, ýeňňe… Häk, çagalygyndan hülli-hülli etdiňiz-dä. Towugyna yok diýmediňiz…
– Wah-h, agaň barka her zeýilli çekinýädi…
– Indem temegine kakdyrasy gelmez – diýip, Hapyz iki egninden demini aldy.
– Hiç kimden gypynç edenog-a, ýüwürji!
– Bolýa, ýeňňe, häzir baryp gaýdaryn.
Hapyz gelende Şükür ukudan ýaňy oýanan eken.
– Goçum, turduňm-ow? Bi dabarаň dag aşýa-la! Gaňňaňy garnyňa aljak bolýamyşyň. Eýgilikmi? – diýip, ol gelşine gep gyşardyp ugrady.
Şükür siltenjiräp girip-çykyp ýören ejesine alarylyp, birbada

dymdy.
– Hol gün işe başlaýan diýip otyrdyň?
– Başlajakdym. Daýanjyň ýanyna bardym. Bedreli ylaý çekiber diýýä. Iň agyr ýerinde goýjak bolýa meni.
– A bolman, gurluşygyň ýeňil ýeri barmy? Seň nemäňe iş ýakanok özi. Baran ýeriň bahana. Öýlenseň, heleýiňi nädip eklejek?
– Sen daň bilen maňa akyl öwretmäge geldiňm-aý? Akylyň köpmi şolar ýaly? – diýip, Şükür mojuk gürrüň etdi.
Hapyz sesini gataltdy:
– Eklenç etmäni öwren diýmäge geldim, eý, dikdüşdi! Boýuňa seret! Ýaşyňdan utan! Iş ýö-ök, iş ýö-ök, iş bolmazmy? Çöle çyk-da, ýandak ýatyr! Her petdesine baha kesip, özüm alýan.
– Ýandak ýatyrsam, bahasyn-a sen däl-de, özüm keserin welin… – diýip, Şükür pallap ýerinden turdy. Barypýatan biperwaýlygyny mazamlap, gerindi.
Hapyz gaharyna sandyr-sandyr etdi.
– Sen aç ölersiň – diýdi.
– Senem heşelle kakarsyň! – diýip, Şükür bada-bat jogabyny berdi.
Hapyz böküp turdy-da, Şüküriň ýakasyndan çalyp tutdy. Dişlini gyjady.
– Hawa, heşelle kakaryn! Gurdum gündiz uwlar, geçim daga ýaýrar.
– Eliňi aýyr! Ýakamy goýber diýýän! Süsüp, burnuňy ýüzüňe çyrşaýan häzir – diýip, Şükür ýumrugyny düwüp, dübledi.
– Süs! Süs bol!
Şükür süsmäge ýetişmedi. Ogulnur ara düşdi. Gyssagarada eline ilen sübse boldy, sapy bilen Şüküriň egnine taýly gezek urdy.
– Agaňa el galdyrjakmy sen, gurrumsak! Wah, eliň çüýresin seň, meýdiýanan!
Şükür haşlap durşuna Hapyza hemle urdy:
– Kim-ow sen meň ýakamdan tutarça?!
– Şükür jan, inim!.. – diýip, Hapyz ýumşak äheňde asuda gepledi. – Sen düşün. Meni diňle…
Şükür diňlemedi.
– Hemmäňiz meni ýigrenýäňiz! – diýdi. – Ýekirýäňiz. Dogrumy? Dogrudyr. Sebäbinem aýdaýynmy? Ogullyk alnan men! Guzlanyp,

çöpüň düýbüne taşlanyp gidilen. Hakyky ejemem, kakamam bilýän ýok. Ýüzüme çöpdüýbi diýenem bar. Sizem ýüzüme diýmeseňizem, ýeňsämden diýýäniňizi bilýän. Ýalan bolsa aýdyň. Aýdyp bilmersiňiz.
Şükür üst-başyny düzedişdirip, çykyp gitdi.
Ogulnur ses edip aglady.

***Dowamy bar..***

Kakamyrat ATAÝEW.

Powestler